Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň

2024-nji ýylyň 8-nji ýanwarynda çykaran 06-Ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministriniň 2020-nji ýylyň 24-nji iýunynda çykaran 334-Ö belgili buýrugyna üýtgetmeleri girizmek hem-de käbir bölegini we bendini güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek hakynda»**

Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň, 2017-nji ýylyň 26-njy awgustynda kabul edilen “Hukuk namalary hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 30-31-nji we 38-nji maddalarynyň, “Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň meseleleri hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2023-nji ýylyň 1-nji awgustynda çykaran 660-njy karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi hakynda Düzgünnamanyň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2020-nji ýylyň 24-nji iýulynda 1363 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan “Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugynyň administratiw hukuk bozulmalary barada işlere seretmegiň Tertibini tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministriniň 2020-nji ýylyň 24-nji iýunynda çykaran 334-Ö belgili buýrugynda:

1) adynda we birinji böleginde “Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugynyň” diýen sözleri “Daşky gurşawy goramak ministrliginiň” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

2) ikinji böleginde “Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri boýunça orunbasary” diýen sözleri “orunbasarlary” diýen sözler bilen çalşyrmaly.

2. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2020-nji ýylyň 24-nji iýulynda 1363 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugynyň administratiw hukuk bozulmalary barada işlere seretmegiň Tertibini tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministriniň 2020-nji ýylyň 24-nji iýunynda çykaran 334-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugynyň administratiw hukuk bozulmalary barada işlere seretmeginiň Tertibinde:

1) adynda we mazmunynda “Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugynyň” we “Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugy” diýen sözleri

degişlilikde “Daşky gurşawy goramak ministrliginiň” we “Daşky gurşawy goramak ministrligi” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

2) II babynyň adynyň ikinji sözleminde “Administratiw” diýen sözi “Daşky gurşawy goramak baradaky administratiw” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

3) ýedinji böleginde “Administratiw hukuk bozulma” diýen sözleri “Daşky gurşawy goramak baradaky administratiw hukuk bozulma” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

4) on ikinji böleginde:

a) “Administratiw hukuk bozulma hakynda Teswirnama düzmäge” diýen sözleri “Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň daşky gurşawy goramak baradaky administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama düzmäge” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

b) “tarapyndan” diýen sözden soň “Administratiw hukuk bozulma hakynda” diýen sözleri aýyrmaly;

5) on dördünji bölegini güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli;

6) on sekizinji böleginde “administratiw hukuk bozulma hakynda” diýen sözleri aýyrmaly;

7) 1-nji goşundynyň mazmunynda “Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugynyň” we “Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugy” diýen sözleri “Daşky gurşawy goramak ministrliginiň” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

8) 2-nji goşundyda:

a) ýokarky sag burçunda beýan edilen salgylanmada “Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugynyň teswirnama” diýen sözleri “Daşky gurşawy goramak ministrliginiň daşky gurşawy goramak baradaky administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

b) adynda “Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugynyň” we “adamlarynyň” diýen sözleri degişlilikde “Daşky gurşawy goramak ministrliginiň daşky gurşawy goramak baradaky administratiw hukuk bozulma hakynda” we “adamlaryň” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

ç) 1-nji bendini güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli;

d) 2-4-nji bentlerinde “Daşky gurşawy goramak gullugynyň” diýen sözleri aýyrmaly we 2-9-njy bentleriniň belgilenilişini degişlilikde 1-8-nji bentler görnüşinde hasap etmeli;

9) 3-nji goşundyda:

a) ýokarky sag burçunda beýan edilen salgylanmada “Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugynyň” diýen sözleri “Daşky gurşawy goramak ministrliginiň” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

b) adynda “kitabynda görkezilýän MAGLUMATLAR” diýen sözleri “kitaby” diýen söz bilen çalşyrmaly;

10) 4-nji goşundynyň mazmunynda “Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugynyň” we “Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Daşky gurşawy goramak gullugy” diýen sözleri “Daşky gurşawy goramak ministrliginiň” diýen sözler bilen çalşyrmaly.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine ministriň orunbasarlary gözegçilik etmeli.

**Ministr** **Ç.Babanyýazow**

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2024-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda 1766 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.